# TERBIÝEÇINIŇ GÜRRÜŇI

Terbiýeçiniň dili edebi dilde çagalara düşnükli, çagalaryň ünsüni özüne çekiji ýakymly äheňde bolmalydyr. Terbiýeçi islendik tebigy zatlar barada gürrüň berende sözi bilen düşündirişi gabat gelmelidir. Terbiýeçi gürrüňi gysga manyly, çaga-lara tanyş sözler bilen baýlaşdyrmagy, sapagy oýun görnüşinde geç-megi başarmalydyr.

Kiçi topara garanyňda orta, uly we mekdebe taýýarlaýyş topar-larynda terbiýeçiniň gürrüňi uly orun tutýar. Terbiýeçi öz gürrüňini görkezme esbaplar ýa-da kinofilmler görkezmek bilen düşündirse sa-pak has gyzykly geçer. Terbiýeçi çagalaryň gezelençde gören zatlary barada ýatladyp öz gürrüňini manyly, düşnükli gurap biler.

Terbiýeçi-niň gyzykly gürrüň esasynda çagalary sapaga gyzyklandyrmagy mag-lumatlary öwretmegiň esasy özenidir. Terbiýeçi gürrüň berende çagalar bilen sorag-jogap alyşýar. Uly we mekdebe taýýarlaýyş toparda çagalar özbaşdak mazmun-ly şekil barada gürrüň berýärler. Çagalara berilýän sorag çagalaryň ýaş aýratynlygyna, bilim derejesine bagly bolmalydyr. Sorag çaga-lara düşnükli, jogabyny tapmaga kömek edýän bolmalydyr. Gürrüň bermek usulyna «Sokratçylyk» usuly hem diýilýär. Terbiýeçiniň gürrüňi hemme toparda ulanylýar. Çagalara tebigat düşünjesini ber-mekde gürrüňdeşlik ýa-da söhbetdeşlik usulynyň ähmiýeti uludyr. Gürrüňdeşlik ýa-da söhbetdeşlik terbiýeçiniň hem-de çaganyň gatnaşmagynda geçirilýär.

**Guwanç JUMANAZAROW**

**Türkmen döwlet binagärlik – gurluşyk**

**institutynyň talyby**

Все права защищены

22.11.2024